Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň Daşoguz şäher Salgyt bölümi tarapyndan
«BELLIGE ALYNDY»
№ 24010413
«30» oktýabr 2023 ý.

«TASSYKLAÝARYN»
Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Türkmen oba hojalyk institutynyň rektory
D.Ýolow
Buýruk № 165-O
«13» 10 2023 ý.

# TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYK MINISTRLIGINIŇ TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTYNYŇ DAŞOGUZ AGROSENAGAT ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ

# T E R T I P N A M A S Y

2023 ý.

Şu Tertipnama Türkmenistanyň «Bilim hakyndaky» Kanunynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklanan «Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakyndaky» Düzgünnamasynyň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasynda işlenilip düzüldi.

Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň işi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň «Bilim hakyndaky» (rejelenen görnüşi) kanunynyň, "Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda" (rejelenen görnüşi), Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary we Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny bilen tassyklanýan Döwlet Maksatnamalarynyň we Konsepsiýalarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň, Türkmen oba hojalyk institutynyň resminamalarynyň, Türkmenistanyň Ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň we şu Tertipnama esasynda kadalaşdyrylýar.

Şu Tertipnama Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň umumy guramaçylyk-hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini we iş ýörelgelerini kesgitleýär.

## 1. UMUMY DÜZGÜNLER

**1.1.** Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebi (mundan beýläk Tertipnamada «Orta hünär okuw mekdebi» diýlip atlandyrylýar) Türkmen oba hojalyk institutynyň tabynlygynda bolmak bilen, orta hünär bilimi maksatnamasyny amala aşyrýan hojalyk hasaplaşygyndaky döwlet orta hünär mekdebi bolup durýar.

**1.2.** Orta hünär okuw mekdebini Esaslandyryjy, mundan beýläk Tertipnamada «Esaslandyryjy» diýlip atlandyrylýan Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň Daşoguz şäher Salgyt bölümi tarapyndan 2023-nji ýylyň 03-nji oktýabrynda 24010402 belgide gaýtadan bellige alnan Türkmen oba hojalyk instituty bolup durýar.

**1.3.** Orta hünär okuw mekdebi ilkinji gezek Daşhowuz welaýat statistika uprawleniýesi tarapyndan Daşhowuz şäheriniň № 6-njy hünärment mekdebi ady bilen 1997-nji ýylyň 7-nji maýynda 69913 belgide hasaba alnan.

**1.4.** Orta hünär okuw mekdebi üstüne alan we ýüklenen ähli borçlar boýunça Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan 2022-nji ýylyň 24-nji iýunynda 26420939 belgide gaýtadan bellige alnan Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mirasdüşeridir.

**1.5.** Orta hünär okuw mekdebiniň düzümi (gurluşy) Esaslandyryjy tarapyndan kesgitlenýär we tassyklanýar.

**1.6.** Orta hünär okuw mekdebi bilim, terbiýe we ylym ulgamynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň oba hojalygy üçin çuňňur bilimli, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyş döwrüniň talaplaryny doly ödeýän, syýasy taýdan sowatly, Watana, Türkmenistanyň Prezidentine, halkyna wepaly, ýurduň bähbitlerini halkara derejesinde mynasyp gorap bilýän we häzirki zaman bazar ykdysadyýeti gatnaşyklary şertlerine laýyklykda oba hojalyk ulgamynda işlemäge ukyply, başarjaň orta hünärli hünärmenleri taýýarlamagyň möhüm düzüm bölegi bolup durýar.

**1.7.** Orta hünär okuw mekdebi bilim ulgamynda döwlet syýasatyny amala aşyrýan bilim edarasydyr.

**1.8.** Orta hünär okuw mekdebi ýuridiki şahs bolup, onuň hususy emlägi, özbaşdak balansy, Türkmenistanyň banklarynda hasaplaşyk, walýuta we beýleki hasaplary, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy şekillendirilen, Esaslandyryjynyň we özüniň atlary ýazylan möhüri we möhürçeleri, beýleki nyşanlary, belgileri, resmi kagyzlary bolýar.

**1.9.** Orta hünär okuw mekdebiniň resmi ady:

- Türkmen dilinde: **Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebi;**
- Iňlis dilinde: **Dashoguz agroindustrial secondary vocational school of Turkmen agriculture institute.**
- Rus dilinde: **Дашогузская агропромышленная средняя профессиональная школа Туркменского сельскохозяйственного института;**

**1.10.** Orta hünär okuw mekdebiniň hukuk salgysy:
**Daşoguz welaýaty, Daşoguz şäheri, Ýolçy köçesiniň 370-nji jaýy.**

## 2. ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ MAKSADY, IŞ ÇYGRY, WEZIPELERI WE ÝÖRELGELERI

**2.1.** Orta hünär okuw mekdebiniň maksady şahsyýetiň hünär bilimini almaga we ony çuňlaşdyrmaga, akyl we medeni taýdan ösmäge bolan isleginiň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilip, onuň Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň degişli pudaklary üçin orta bölege degişli orta hünärli hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr.

**2.2.** Orta hünär okuw mekdebi ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda işleriň bir ýa-da birnäçe gönüşlerini amala aşyryp bilýär.

**2.3.**Orta hünär okuw mekdebi ygtyýarylandyrylmagy, sertifikatlaşdyrylmagy we beýleki rugsat beriji resminamalaryň alynmagy talap edilýän işleriň görnüşleri bilen, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde ygtyýarnama, sertifikat we beýleki rugsat beriji resminamalary alynandan soň meşgullanyp bilýär.

**2.4.** Bilim bermek işleriň görnüşlerini döwlet klassifikatoryna, şeýle hem Döwlet bilim standartlarynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrýar.

**2.5.** Orta hünär okuw mekdebiniň öňünde durýan wezipeler:

- Türkmenistanyň bilim syýasatyny durmuşa geçirmegi iş ýüzünde üpjün etmek;
- oba hojalygynyň orta hünär bilimli hünärmenlere bolan sargytlaryny ýerine ýetirmek we isleglerini kanagatlandyrmak;
- Türkmenistanyň uzak möhletleýin durmuş-ykdysady ösüşiniň talaplaryny kanagatlandyrýan orta hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak;
- talyplarda milli taryhyna, medeniýetine, däp-dessurlaryna hem-de ileri tutulýan umumy adamzat gymmatlyklary bilen berk baglanyşykly ýokary medeniýetliligine, düýpli ahlak ýörelgelerine, döwlet Garaşsyzlygynyň we hemişelik Bitaraplygynyň baş ýörelgelerine, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň talaplaryna, halka, Watana hem-de Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur wepalylygy terbiýelemek;
- degişli ministrlikler, pudak edaralary, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimlikleri bilen bilelikde zehinli hem-de ýokary derejede ukyply ýaşlary mekdebe seçip almak üçin orta mekdepleriň okuwçylarynyň we işleýän ýaşlaryň arasynda hünäre ugrukdyryş işlerini geçirmek;
- uçurymlary alan hünärleri boýunça degişli kadalaşdyryjy resminamalara laýyklykda erkin işe ýerleşmegini üpjün etmek;

- ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny hil taýdan kämilleşdirmek baradaky teklipleri işläp taýýarlamak;
- ýaşlary terbiýelemegiň milli maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, sport, medeni we talyplary okatmagyň, olaryň dynç almagynyň, ýaşaýşynyň şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen beýleki çäreleri geçirmek;
- öňdebaryjy türkmen hem-de daşary ýurt bilim edaralary, guramalary bilen hünärmenleriň taýýarlyk tejribesini öwrenmek we peýdalanmak, oba hojalyk boýunça ylmy barlaglary geçirmekde hyzmatdaşlyk etmek;
- okuw işini ýokary hilli guramagy üpjün edýän, okatmagyň öňdebaryjy usullaryny we serişdelerini ulanmak, mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak;
- talyplary ýaşlar barada döwlet syýasatynyň maksatlaryna laýyklykda terbiýelemek;
- ýaşlary terbiýelemegiň milli maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň, sport, medeni çäreleri guramagyň we talyplary okatmagyň, olaryň dynç almagynyň, ýaşaýşynyň şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen beýleki çäreleri geçirmek;
- ylmy-barlag işleri alyp barmak üçin okuw-tejribe hojalygynda dürli oba hojalyk ekinlerini ylmy esasda ösdürip ýetişdirmek;
- ýaşlaryň jemgyýetçilik işjeňligini höweslendirmek, olaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň işini utgaşdyrmak we goldamak;
- ýaşlarda sanly, elektron tehniki serişdeleri we telekommunikasiýa aragatnaşyk serişdelerini peýdaly, ýerlikli ulanmagyň ýokary medeniýetini kemala getirmek;
- talyp ýaşlaryň aňynda Türkmenistanyň taryhy we medeni geçmişine, däplerine hormaty, beýik işlere we sepgitlere buýsanjy döretmek;
- talyp ýaşlarda şahsyýetiň öz ýurdunyň aladasyny etmekde, ony pugtalandyrmakda we goramakda ýüze çykýan iň möhüm häsiýetleri hökmünde kanuna, jemgyýetçilik durmuşynyň kadalaryna, jemgyýetçilik jogapkärçiligine hormat goýmagy terbiýelemek;
- tölegli esasda başlangyç hünär bilimi, gysga möhletli okuw kurslary boýunça bilim maksatnamalaryny amala aşyrmak.

## 3. ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ HUKUKLARY WE JOGAPKÄRÇILIGI

**3.1.** Orta hünär okuw mekdebi öňünde durýan wezipeleri durmuşa geçirmek üçin bilim beriş işini, işgärleri seçip almagy we işe bellemegi, ylmy, maliýe-hojalyk we beýleki işleri Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy esasynda Esaslandyryjy bilen ylalaşyp amala aşyrýar.

**3.2.** Orta hünär okuw mekdebiniň hukuklary:

- Orta hünär okuw mekdebiniň Tertipnamasyny işläp taýýarlamak, üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada teklipleri düzmek we Esaslandyryja tassyklamaga bermek;
- Orta hünär okuw mekdebiniň işgärleriniň sanawyny işläp düzmek, Esaslandyryja tassyklamaga bermek we işgärleriň arasynda wezipe borçlaryny paýlamak;
- Orta hünär okuw mekdebiniň işini düzgünleşdirýän içerki tertip kadalaryny we beýleki ýerli resminamalary işläp düzmek we kabul etmek;

- mugallymçylyk, edara ediş-dolandyryş, okuw-kömekçi we inžener-tehniki işgärleri seçip almak we işe kabul etmek, olaryň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyny we kadaly zähmet şertleriniň bolmagyny üpjün etmek;
- Türkmenistanyň Bilim ministrligi hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi tarapyndan tassyklanan aýlyk iş haklaryna we wezipe töleglerine laýyklykda, zähmet haky gaznasynyň çäklerinde, wezipe iş haklaryny, üste tölemegiň hem-de goşmaça tölemegiň we beýleki maddy taýdan goldamak çäreleriniň ölçeglerini bellemek;
- bellenen ölçeglere we talaplara laýyklykda okuw işini maddy-tehniki taýdan üpjün etmek, okuw otaglaryny enjamlaşdyrmak we abzallaşdyrmak;
- hereket edýän kanunçylykda bellenen tertipde Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýuridiki we fiziki şahslaryndan, şeýle-de halkara guramalaryndan we gaznalaryndan zerur bolan enjamlary, tehniki serişdeleri, okuw we ylmy edebiýatlary, beýleki maddy serişdeleri öz hususy gaznasynyň ýa-da beýleki serişdeleriň (grantlaryň, haýyr-sahawatyň we ş.m.) hasabyna edinmek, kärendesine almak;
- ulanylyş taýdan könelişen we fiziki taýdan hatardan çykan enjamlary (şol sanda gymmat bahalylaryny), abzallary, materiallary we häzirki zaman okuw talaplaryny ödemeýän kitaplary balansdan balansa geçirmegi we ýerlemegi Türkmenistanda hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda bellenen tertipde amala aşyrmak;
- ulanmaga ýaramsyz bolan ýa-da hatardan çykan esasy serişdeleri Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda Esaslandyryjynyň rugsady bilen hasapdan öçürip bellenen tertipde mekdebiň hasabyndan aýyrmak;
- ulanylmaýan enjamlary, inwentarlary, materiallary we beýleki serişdeleri satmakdan, kärendesine bermekden gelýän serişdeleri öz ygtyýarlygynda galdyrmak hem-de olary maddy-tehniki we durmuş binýadyny döwrebaplaşdyrmak we ösdürmek üçin peýdalanmak;
- Orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlary, işgärleri we talyplary üçin durmuş-ykdysady we ýaşaýyş binýadyny ösdürmek, talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamaklary üçin degişli durmuş şertlerini döretmek, okuw mekdebiniň sagaldyş-sport, bejeriş, keseliň öňüni alyş we medeni edaralarynyň ulgamyny giňeltmek;
- Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde, işgärleri taýýarlamagyň derejesini we hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen okuw, önümçilik we beýleki düzüm bölümlerini guramak, talyplara goşmaça bilim hyzmatlaryny hödürlemek we mekdebiň mugallymlarynyň hünär boýunça mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak;
- Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýuridiki we fiziki şahslaryna tölegli bilim beriş we beýleki hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin düzüm bölümlerini döretmek;
- Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde mekdebiň girdejisini ýokarlandyrmak maksady bilen öz garamagynda okuw-tejribe hojalygyny edinmek;
- tölegli hyzmatlaryň ähli görnüşlerini amala aşyrmak bilen bagly çyzgyny (smetany) tassyklamak üçin Esaslandyryja hödürlemek;
- goşmaça girdeji almak maksady bilen, wagtlaýyn ulanylmaýan ätiýaçlyk gorlaryny maýa goýuma gönükdirmek (ýerleşdirmek);
- bellenen tertibe we şu Tertipnama laýyklykda talyplar düzümini düzmek;
- okuw işini guramak we amala aşyrmak, bilim maksatnamalarynyň özleşdiriliş hilini talyplaryň okuwa ýetişiginiň aralyk jemlemesini (aralyk synagyny), gyşky we

tomusky hasap-synaglaryny hem-de jemleýji döwlet synaglaryny geçirmek ýoly bilen kesgitlemek;

- okuw meýilnamalaryny, okuw kurslarynyň hem-de dersleriniň maksatnamalaryny, bilim beriş işlerini üpjün etmek üçin zerur bolan beýleki okuw-usuly resminamalary işläp düzmeklige gatnaşmak;
- okuw kitaplaryny, okuw gollanmalaryny, beýleki okuw-usuly edebiýatlaryny we resminamalar toplumyny çapa taýýarlamak hem-de çap etmek;
- ylmyň ol ýa-da beýleki ugrunda işleýän öňdebaryjy hünärmenleriň gatnaşmagynda maslahatlary, söhbetdeşlik maslahatlaryny we beýleki okuw-usuly çäreleri guramak we geçirmek;
- Tertipnamada bellenen işleri amala aşyrmagy, goşmaça maliýe we maddy serişdeleri ulanmagy Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrmak;
- Tertipnamada kesgitlenen çäklerde girdeji getirýän maliýe-hojalyk hem-de önümçilik işlerini bellenen tertipde amala aşyrmak;
- Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda gadagan edilmedik jemgyýetçilik guramalarynyň, şol sanda ýaşlar guramasynyň orta hünär okuw mekdebinde alyp barýan işini sazlaşykly utgaşdyrmak;
- Orta hünär okuw mekdebinde elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly okatmaga başlamak üçin, aşakdakylaryň bolmagy hökmany şertdir:

1) Her bir bilim maksatnamasy boýunça okuw meýilnamalaryndaky dersleriň (tapgyrlaryň, modullaryň, okuwlaryň) okuw maksatnamalarynyň ählisi boýunça elektron okuw-usulyýet toplumlarynyň;
2) elektron kitaphananyň;
3) maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň;
4) maglumat-telekommunikasiýa torlarynyň;
5) tehnologik serişdeleriň.

**3.3.** Orta hünär okuw mekdebi öz ygtyýarlygynyň çäginde:

- okatmagyň we terbiýe bermegiň öňdebaryjy görnüşlerini we usullaryny, döwrebap usulyýetlerini we täze tehnologiýalaryny öwrenýär, işläp taýýarlaýar we işe ornaşdyrýar;
- baglaşylýan şertnamalar esasynda we ýörite ygtyýarnamalara laýyklykda mugallymlara, hünärmenlere, talyplara, raýatlara, resmi adamlara, kärhanalara, edaralara we guramalara gysga wagtlaýyn okuwlarda bilim bermek, hünärini ýokarlandyrmak, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak ýaly we Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki tölegli hyzmatlary ýerine ýetirýär;
- mekdebiň girdejisini ýokarlandyrmak maksady bilen degişli tertipde öz garamagynda okuw-tejribe hojalygyny edinip bilýär we onuň Tertipnamasyny ýokary guramalar bilen ylalaşýar;
- Orta hünär okuw mekdebiniň öňünde goýlan maksatlarynyň netijeli çözülmegi üçin zerur bolan beýleki işleri amala aşyrýar.

**3.4.** Orta hünär okuw mekdebi Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde aşakda agzalan ýagdaýlarda jogapkärçilik çekýär:

- şu Tertipnamada öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen wezipeleri ýerine ýetirmeýändigi üçin;
- başlangyç we orta hünär bilim beriş maksatnamalaryny, şeýle hem okuwyň hilini doly möçberde hem-de degişli derejede ýerine ýetirmeýändigi üçin;

• Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

## 4. OKUW WE TERBIÝEÇILIK IŞLERINIŇ MAZMUNY HEM-DE GURALYŞY

**4.1.** Orta hünär okuw mekdebinde hünärmenleri taýýarlamak gündizki, gündizki-gaýybana (agşamky) okuw görnüşinde amala aşyrylýar.

**4.2.** Orta hünär okuw mekdebinde talyplary okatmagyň ähli görnüşleri tölegli esasda amala aşyrylýar.

**4.3.** Orta hünär okuw mekdebi Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda raýatlaryň okuwa kabul edilmeginiň we bilim almaga bolan hukuklarynyň berjaý edilmegini kepillendirýär.

Orta hünär okuw mekdebine okuwa girmäge Türkmenistanyň orta bilimli raýatlarynyň hukugy bar.

Okuwa girýänleriň ählisi, gelip çykyşyna, jynsyna, durmuş we emläk ýagdaýyna, milletine, garaýyşlaryna, partiýalaýyn degişliligine, dini ynanjyna we dini gatnaşygyna garamazdan deň hukuklardan peýdalanýarlar.

Orta hünär okuw mekdebine okuwa kabul etmek dalaşgärleriň arzasy boýunça giriş synaglarynyň netijelerine görä, bäsleşik esasynda amala aşyrylýar. Bäsleşigiň şertleri adamyň bilim almaga bolan hukuklarynyň döwlet kepillikleriniň berjaý edilmegini we adamlaryň arasyndan degişli hünär biliminiň maksatnamasyny özleşdirmäge has ukyply hem-de taýýarlykly bolanlarynyň kabul edilmegini üpjün etmelidir. Şunlukda Orta hünär okuw mekdebi kabul ediş toparynyň işindäki aýanlylygy we aç-açanlygy, okuwa girýänleriň giriş synaglary wagtynda ukyplaryny we bilimlerini bahalandyrmakdaky dogruçyllygy kepillendirýär.

Orta hünär okuw mekdebi okuwa girýänleri hökmany ýagdaýda şu Tertipnama, şeýle hem mekdebiň bilim beriş işlerini amala aşyrmagyny we kabul ediş toparynyň işini düzgünleşdirýän beýleki resminamalar bilen arza berlende tanyşdyrýar.

Daşary ýurt raýatlaryny okuwa kabul etmek Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

**4.4.** Orta hünär okuw mekdebinde okuwyň mazmuny we dowamlylygy Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylan hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan okuw meýilnamalary bilen kesgitlenilýär.

**4.5.** Türkmen dili döwlet dili hökmünde, okatmagyň we terbiýelemegiň esasy dilidir. Bilim maksatnamalarynyň talaplaryndan we okuw işiniň aýratynlygyndan ugur alnyp, Orta hünär okuw mekdebinde okatmagyň esasy dili hökmünde daşary ýurt dili (dilleri) ulanylyp bilner.

**4.6.** Daşary ýurt dillerini öwrenmek orta hünär biliminiň maksatnamalaryna hökmany ders hökmünde girizilýär.

**4.7.** Mekdep şu hünärler boýunça taýýarlyklary amala aşyrýar:

- ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş;
- buhgalterçilik hasaba alnyşy;
- ykdysadyýet we sanly maglumat tehnologiýalary;
- daýhan hojalygyny dolandyrmak;
- gidromelolirasiýa;
- elektrifikasiýa we awtomatizasiýa;

- oba hojalyk önimlerini gaýtadan işlenilmegiň tehnologiýasy;
- weterinariýa;
- oba hojalygynyň mehanizasiýasy;
- maglumat ulgamlary;

**4.8.** Orta hünär okuw mekdebinde okuw işiniň guralyşy ýokary hilli hünärmenleri taýýarlamagy üpjün etmek, şeýle hem okuwyň, zähmetiň we durmuşyň howpsuz we sagdyn şertlerini döretmek maksatlaryndan ugur alnyp, amala aşyrylýar.

**4.9.** Orta hünär okuw mekdebi:

- talyplary okuw serişdeleri (okuw we beýleki edebiýatlar, kompýuter tehnikasy, audiowizual we tehniki serişdeler, elektron okuw-usulyýet hem-de beýlekiler) bilen üpjün edýär;
- Orta hünär okuw mekdebiniň ýerleşýän çäklerinde bar bolan ýa-da onuň balansynda durýan naharhana we beýleki ýaşaýyş-durmuş ulgamlary üçin jaýlary, otaglary kärendesine berýär we olary ýyladyş, yşyklandyryş hem-de ýyly suw ulgamlary bilen üpjün edýär.

**4.10.** Orta hünär okuw mekdebinde ýerine ýetirilýän okuw, barlag sapaklarynyň we işleriň görnüşleri:

- umumy okuw;
- söhbet, amaly we tejribe sapaklary;
- okuw we önümçilik tejribelikleri;
- ýyllyk işi (ýyllyk taslamasy);
- barlag ýumuşlar;
- talyplaryň maksatnamalaýyn materialy öwrenmek (onuň teswirleme ýazgysyny etmek, tezisleri düzmek, hasabatlary düzmek we ş.m.) boýunça özbaşdak işi;
- talyplar bilen aýratynlykda işlemek;
- berkidiji sapaklar;
- hasap tabşyrylmadyk okuw materialynyň we talyplar tarapyndan goýberilen sapaklaryň öwezini dolmak;
- edara-kärhanalar bilen ikitaraplaýyn okuwlar.

**4.11.** Talyplary okuw işi bilen baglanyşykly bolmadyk işler üçin sapaklardan almaga, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütleri bilen kesgitlenýän ýagdaýlardan başga halatlarda rugsat berilmeýär.

**4.12.** Talyplar okuw döwründe okuw we önümçilik tejribeliklerini degişli düzgünlere laýyklykda geçýärler.

**4.13.** Orta hünär okuw mekdebinde okuw ýyly 1-nji sentýabrdan başlanýar. Okuw ýyly iki ýarymýyllykdan ybarat bolup, olaryň hersi hünäriň okuw meýilnamasyna laýyklykda hasap-synag möwsümi bilen tamamlanýar.

Orta hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti öwrenilýän hünäre we okatmagyň görnüşlerine baglylykda, iki okuw ýylyndan dört okuw ýylyna çenli möhleti öz içine alýar. Okuwyň anyk möhleti okuw meýilnamalary bilen kesgitlenýär.

Okuw ýylynda talyplara 2 gezek, jemi 40 günden az bolmadyk dowamlylykda dynç alyş berilýär. Dynç alşyň takyk möhleti we dowamlylygy, hünär taýýarlygynyň degişli ugrunyň aýratynlygyna baglylykda, okuw meýilnamasyna görä kesgitlenýär.

**4.14.** Bir okuw sagadynyň dowamlylygy 40 minut möçberinde bellenilýär, talybyň hepdäniň dowamyndaky hökmany auditoriýa okuwy hünäriň degişli okuw meýilnamasynda kesgitlenilýär. Okuw sagatlarynyň (umumy okuwlaryň, amaly sapaklarynyň) arasyndaky

arakesmeler Orta hünär okuw mekdebi tarapyndan okuwyň aýratynlygy we okuw binalarynyň (okuw otaglarynyň) ýerleşişini hasaba alynmak bilen kesgitlenýär.

**4.15.** Okuw topary, adatça, 15-25 talypdan ybarat bolýar, ol tejribe okuwlarynyň ähli görnüşleri geçilende 8-12 talypdan ybarat iki toparça bölünip bilner. Şol bir wagtyň özünde okuw toparynyň talyp sany hünär boýunça okuwa kabul etmegiň bellenen meýilnamasyna baglylykda üýtgäp biler.

**4.16.** Talyplaryň bilimi, başarnyklary we endikleri döwlet resminamalarynda bahalary 5 (bäş), 4 (dört), 3 (üç), 2 (iki) baha ulgamy arkaly kesgitlenilýär. Synag bilen tamamlanmaýan okuw dersleriniň we talyplaryň beýleki okuw işleriniň görnüşleriniň talyplar tarapyndan özleşdiriliş derejesi «hasap» ýa-da «hasap däl» belgiler bilen görkezilýär, ol talybyň okuw işiniň yzygiderli gözegçiliginiň ýa-da jemleýji söhbetdeşligiň netijeleri boýunça goýulýar.

Synaglary geçirmegiň tertibi okuw bölümi tarapyndan kesgitlenýär we ony direktor tassyklaýar. Synagyň ýa-da yzygiderli gözegçiligiň netijeleri boýunça alnan bahadan nägile bolan talyplara, synagyň tabşyrylan güni olaryň arzasy boýunça okuw bölüminiň başlygynyň gatnaşmagynda mekdebiň direktory tarapyndan synagy gaýtadan tabşyrmaga rugsat berlip bilner.

**4.17.** Ýetişigi oňat bolan talyplary okuw ýylyndan indiki okuw ýylyna geçirmek Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan ýyllyk synaglary we hasaplary baradaky Düzgünnama laýyklykda, okuw bölüminiň hödürlemegi boýunça mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen amala aşyrylýar.

Gyşky hasap-synag möwsüminiň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara öz okuw bergilerini aýyrmak üçin möwsümiň tamamlanan gününden başlap, bir aýdan köp bolmadyk möhletde mümkinçilik berilýär. Berlen möhletde bergilerini tabşyryp bilmedik talyplar okuwdan çykarylmaga degişli edilýär.

Tomusky hasap-synag möwsüminiň netijelerí boýunça ýetişmeýän talyplara öz okuw bergilerini tabşyrmaga dowamlylygy bir aýdan köp bolmadyk möhletde, ýöne indiki okuw ýyly başlanmagyndan öň bir hepdäniň dowamynda (alty iş gününiň içinde) mümkinçilik berilýär. Berlen möhletde bergilerini tabşyryp bilmedik talyplar okuwdan çykarylmaga degişli edilýär. Ýyldan-ýyla şertli esasda geçirmäge rugsat berilmeýär.

**4.18.** Ikitaraplaýyn okuwlar hünärmenleri taýýarlamagyň Döwlet bilim standartlaryna, umumy hünär we ýörite dersler toplumynyň iş maksatnamasyna laýyklykda kesgitlenen ygtyýarlyklaryň talyplar tarapyndan ýokary hil derejesinde özleşdirilmegini gazanmakdan ybarat bolup, ol mekdebiň içki Düzgünnamasy esasynda gurnalýar we amal edilýär.

**4.19.** Talyplary düzgün-tertip jogapkärçiligine çekmek, şol sanda okuwdan çykarmak, şeýle hem okuwyny dikeltmek we sebäpli (akademiki) rugsat bermek Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

**4.20.** Okuw meýilnamasynyň ähli talaplaryny üstünlikli ýerine ýetiren talyp jemleýji döwlet synagyna goýberilýär, onuň netijesi boýunça uçuryma degişli kär we orta hünär bilimi hakynda diplom bermek karar edilýär. Diplomyň goşundysynda talybyň okuw döwrüniň dowamynda öwrenen ähli dersleri boýunça alan bahalary görkezilýär.

**4.21.**Orta hünär okuw mekdebinde fakultatiw esasda goşmaça okuw maksatnamalaryny işläp düzmäge we amala aşyrmaga, degişli okuw meýilnamalarynyň çäklerinden daşary, bellenen nyrhlar boýunça tölegli esasda goşmaça bilim beriş hyzmatlaryny amala aşyrmaga hukuklydyr.

**4.22.** Hünärmenleri taýýarlamagyň hilini kämilleşdirmek, mugallymlaryň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak, okuw işiniň ylmy esasda guralyşyny işläp düzmek maksady bilen, Orta hünär okuw mekdebinde ylmy-usulyýet işi alnyp barylýar.

**4.23.** Orta hünär okuw mekdebinde ylmy-barlag işini guramak ylmy işleri düzgünleşdirýän Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy, şeýle-de mugallymlar Geňeşi tarapyndan tassyklanýan usuly birleşmeler hakyndaky Düzgünnama bilen kesgitlenýär.

**4.24.** Orta hünär okuw mekdebiniň terbiýeçilik boýunça wezipeleri talyplaryň we mugallymlaryň bilelikdäki okuw, jemgyýetçilik işinde amala aşyrylýar. Jemgyýetçilik guramalary, talyplaryň öz-özüňi dolandyryş edaralary gyzyklanylýan ugurlar boýunça gurnaklaryň, klublaryň, talyplaryň we mekdebiň işgärleriniň beýleki höwesjeňlik birleşmeleriniň işini guraýar.

**4.25.** Terbiýeçilik işi mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanýan degişli çäreleriň meýilnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

**4.26.** Gündelik okuw-terbiýeçilik we guramaçylyk çärelerine ýolbaşçylygy üpjün etmek maksady bilen, mugallymlardan topar ýolbaşçylary bellenýär. Olar bellenen tertipde ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar hem-de Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň okuw toparlarynyň ýolbaşçylary hakyndaky Düzgünnama salgylanýarlar.

## 5. ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ DOLANDYRYLYŞY WE DÜZÜMI

**5.1.** Orta hünär okuw mekdebi bilim işinde özbaşdakdyr we her bir alyp barýan işi üçin talybyň, döwletiň we jemgyýetiň öňünde jogapkärdir.

**5.2.** Orta hünär okuw mekdebini dolandyrmak Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklanan «Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakyndaky» Düzgünnama we şu Tertipnama esasynda amala aşyrylýar.

**5.3.** Orta hünär okuw mekdebiniň düzümine okuw bölümi, okuw-usuly we dersler boýunça usuly birleşmeler, hojalyk we hasaphana bölümleri, kitaphanalar girýärler. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda Orta hünär okuw mekdebinde ylym, ylmy-barlag, redaksiýa-neşirýat gullugy we çaphana bölümleri we okuw-tejribe hojalygy döredilip bilner. Orta hünär okuw mekdebiniň bölümleriniň hukuklary we wezipe-borçlary şu Tertipnama we mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanan degişli Düzgünnamalary bilen kesgitlenilýär. Orta hünär okuw mekdebiniň direktorynyň wezipe-borçlary Esaslandyryjy tarapyndan tassyklanylýar.

**5.4.** Orta hünär okuw mekdebiniň dolandyrylyşy Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynyň esasynda, şu Tertipnama laýyklykda, ýeke-täk ýolbaşçylyk we köpçülikleýin dolandyryş ýörelgeleri esasynda amala aşyrylýar.

Orta hünär okuw mekdebi göniden-göni dolandyrmagy onuň direktory amala aşyrýar.

**5.5.** Orta hünär okuw mekdebiniň direktory ýokary bilimli, iş tejribesi bäş ýyldan az bolmadyk direktor ýolbaşçylyk edýär, ol özüniň öňünde goýlan wezipeleriniň ýerine ýetirilmegine şahsy jogapkärçilik çekýär.

**5.6.** Orta hünär okuw mekdebiniň direktory ussat, abraýly işgärlerden teklip edilýär we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylyp, Esaslandyryjy tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

Direktor Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda mekdebiň adyndan ähli edaralarda, kärhanalarda, guramalarda wekilçilik edýär hem-de özüne ynanylan emläklere ygtyýarlyk edýär.

Hojalyk we beýleki şertnamalary baglaşmakda, ynanç hatlaryny bermekde, bankda hasaplary açmakda maliýe serişdelerine ygtyýar ediji bolup durýar.

**5.7.** Orta hünär okuw mekdebiniň direktory öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

- ähli işgärler we talyplar üçin ýerine ýetirilmegi hökmany bolan buýruklary çykarýar we görkezmeleri berýär;
- hereket edýän tertibe laýyklykda mugallymlar düzüminiň we beýleki işgärleriň wezipelere bellenmegini üpjün edýär;
- işgärleri işe kabul etmegi we işden boşatmagy Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýar;
- Orta hünär okuw mekdebiniň düzümine girýän okuw bölüminiň müdiriniň we beýleki bölümleriň ýolbaşçylarynyň wezipe borçlaryny tassyklaýar, olaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär.

**5.8.** Orta hünär okuw mekdebiniň esasy meselelerine garamak üçin direktoryň ýanynda mugallymlar Geňeşi döredilýär. Geňeşiň düzümi we ygtyýarlyklary direktor tarapyndan tassyklanan Düzgünnama bilen kesgitlenýär.

**5.9.** Orta hünär okuw mekdebiniň gurluş birlikleriniň ýolbaşçylary Esaslandyryjy bilen ylalaşylyp, mekdebiň direktory tarapyndan wezipä bellenýär we wezipeden boşadylýar.

**5.10.** Mugallymlar düzümini, talyplary, okuw-ýardam beriji, beýleki işgärleri özünde jemleýän jemgyýetçilik we beýleki guramalar öz işini mekdebiň Tertipnamasynda, merkezi jemgyýetçilik guramalarynyň we birleşikleriniň mysaly Tertipnamalarynda kesgitlenen maksatlara we wezipelere laýyklykda alyp barýarlar we öz Düzgünnamalary esasynda işleýärler.

Orta hünär okuw mekdebinde (mugallymlaryň we talyplaryň) kärdeşler arkalaşygy, partiýa we ýaşlar guramalary, şeýle-de mekdebiň ýolbaşçy toparynyň rugsat bermeginde sport we türgenleşik zallary, umumy ýaşaýyş jaýyndaky talyplaryň öz-özüňi dolandyryş Geňeşi we talyplaryň gyzyklanýan ugurlary boýunça beýleki özüne birleşdirýän jemgyýetçilik guramalary we birleşmeleri hereket edýärler.

**5.11.** Mugallymlaryň we talyplaryň arasynda ylmy-barlag işini guramak hem-de alyp barmak maksady bilen mugallymlardan biri ylmy iş üçin jogapkär bellenýär.

**5.12.** Orta hünär okuw mekdebi öz iş dolandyryşyny amala aşyrýar, okuw, ylmy-barlag we terbiýeçilik işini üpjün etmek üçin degişli döwlet edaralary tarapyndan tassyklanan Düzgünnamalarda kesgitlenen sanawlara laýyklykda beýleki resminamalary ýöredýär.

**5.13.** Orta hünär okuw mekdebi Türkmenistanyň degişli edaralaryna bellenen tertipde hasabatlary berýär.

## 6. ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ IŞGÄRLERINIŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

**6.1.** Orta hünär okuw mekdebinde mugallymçylyk, edara ediş-dolandyryş, okuw-kömekçi we beýleki işgär wezipeleri Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda kesgitlenýär.

Orta hünär okuw mekdebinde ähli derejedäki işgärleriň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna, şu Tertipnama, içerki düzgün-tertip kadalaryna hem-de mekdebiň beýleki içerki resminamalaryna laýyklykda kesgitlenýär.

**6.2.** Orta hünär okuw mekdebiniň işgärleriniň hukuklary:

- alan bilimlerine laýyklykda saýlap alan hünärleri we kärleri boýunça işlemek;
- Orta hünär okuw mekdebiniň okuw, durmuş-ýaşaýyş, bejeriş we beýleki düzüm bölümleriniň hyzmatlaryndan, habarlar gaznasyndan we kitaphana arhiwlerinden peýdalanmak;

- Orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlar Geňeşiniň agzalygyna saýlamak we saýlanmak;
- işleýän döwründe durmuş we hukuk taýdan goraglylyk;
- Orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlar Geňeşiniň mejlislerinde, önümçilik maslahatlarynda çykyş etmek, okuw-usuly we ylmy-barlag işlerini kämilleşdirmek, terbiýeçilik işini gowulandyrmak meseleleri boýunça teklipleri bermek;
- Kärdeşler arkalaşygy we beýleki jemgyýetçilik guramalaryna birleşmek.

**6.3.** Orta hünär okuw mekdebiniň işgärleriniň borçlary:

- Orta hünär okuw mekdebiniň abraýyny ýokarlandyrmak barada alada etmek;
- okuw işleriniň we geçirilýän ylmy-barlaglaryň ýokary netijeliligini üpjün etmek;
- öz hünär derejesini birsyhly ýokarlandyryp durmak;
- şu Tertipnamanyň düzgünlerini, içerki düzgün-tertip kadalaryny berjaý etmek,
- Orta hünär okuw mekdebiniň kitap baýlygy gaznasyna we beýleki emlägine aýawly garamak.

**6.4.** Orta hünär okuw mekdebi tassyklanan işgärler sanawyna laýyklykda işgärler düzümini toplaýar. Orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlar düzümi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenýän mugallymçylyk iş ýükleriniň kadasyna laýyklykda kesgitlenýär.

**6.5.** Orta hünär okuw mekdebiniň işgärlerine zähmet haklary, wezipe borçlarynyň hem-de işleriniň ýerine ýetirilendigi üçin tölenilýär. Işgärleriň başga işleri we borçlary ýerine ýetirendikleri üçin goşmaça ylalaşyk boýunça hak tölenilýär.

**6.6.** Mugallymlar düzüminiň hukuklary**:**

- öz hünäri boýunça işleriniň guramaçylyk we maddy-tehniki taýdan üpjün edilmek;
- okuw dersleriniň mazmunyny bellenen tertipde tassyklanan okuw meýilnamasyna we dersler boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda kesgitlemek;
- okuwyň özbolușly aýratynlygyna laýyk gelýän we okuw işiniň ýokary hilini üpjün edýän usullaryny we serişdelerini saýlap almak;
- bilimiň mazmunynyň döwrebap ylmy derejesini üpjün edýän ylmy barlaglara gatnaşmak we täze düýpli bilimleri almak.

**6.7.** Mugallymlar düzüminiň borçlary:

- mugallymçylyk işiniň ýokary netijeliligini üpjün etmek, döwlet bilim syýasatyny durmuşa geçirmek;
- talyplary ylmy barlaglary geçirmäge çekmek;
- talyplarda özbaşdak işlemek, başlangyçlylyk, täzeçillik, döredijilik ukyplaryny ösdürmek;
- kärdeş mugallymlarynyň, ähli işgärleriň we talyplaryň şahsy mertebesini hormatlamak, olaryň medeni we sazlaşykly ösüşleri barada alada etmek;
- ylmy we hünäri boýunça bilimleri ýaýratmak;
- öz hünärini, umumy bilimini we medeni derejesini hemişe ýokarlandyryp durmak.

**6.8.** Alnyp barylýan mugallymçylyk işiniň netijeliligine baha bermek maksady bilen Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan bellenen möhletlerde we tertipde mugallymlar düzümi hünär derejesine laýyklyk synagyndan geçýär.

**6.9.** Edara ediş-hojalyk, okuw-kömekçi, inžener-tehniki, önümçilik we beýleki işgärleriň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanuny, içerki zähmet düzgün-tertip kadalary, wezipe gözükdirijileri bilen kesgitlenilýär.

**6.10.** Borçlaryň ýerine ýetirilmezligi ýa-da degişli derejede ýerine ýetirilmezligi üçin Mekdebiň işgärleri Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanunyna laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilip bilner.

**6.11.**Zähmet borçlarynyň göreldeli ýerine ýetirilendigi üçin sylaglamak Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanunynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

## 7. ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ TALYPLARYNYŇ HUKUKLARY, BORÇLARY WE JOGAPKÄRÇILIGI

**7.1.** Orta hünär okuw mekdebiniň talyplary mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen bellenen tertipde okuwa kabul edilen adamlardyr. Orta hünär okuw mekdebiniň talybyna bellenen nusgadaky talyp şahadatnamasy we hasap-synag depderçesi berilýär.

Talyplaryň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy, şu Tertipnama we Orta hünär okuw mekdebiniň beýleki içerki resminamalary bilen kesgitlenýär.

Talyplar Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynda bellenen ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

**7.2.** Orta hünär okuw mekdebi Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan umumy ýaşaýyş jaý baradaky Düzgünnamada bellenen tertibe laýyklykda başga şäherlerden we etraplardan gelen talyplary umumy ýaşaýyş jaý bilen üpjün etmäge borçludyr.

**7.3.** Orta hünär okuw mekdebiniň talyplarynyň hukuklary:

- jemgyýetçilik guramalarynyň üsti bilen mekdebiň talyplarynyň durmuşynda ýüze çykýan möhüm meseleleri çözmäge gönüden-göni gatnaşmak;
- okuw kitaplaryndan, okuw-usuly gollanmalardan we beýleki edebiýatlardan, okuw üçin zerur bolan tehniki serişdelerden mugt peýdalanmak;
- elektron okuw-usulyýet toplumlaryndan peýdalanmak;
- okuwyň barşynda Orta hünär okuw mekdebiniň okuw-önümçilik we medeni-sport bazasyndan mugt peýdalanmak;
- okuwyň barşynda howpsuzlyk we saglygy goraýyş şertleri bilen üpjün edilmek;
- Orta hünär okuw mekdebiniň ýolbaşçy toparynyň öňünde okuw dersleriniň ýokary hilli alnyp barylmagyny üpjün etmeýän mugallymlar barada mesele goýmak;
- sebäpli (akademiki) rugsada çykmak;

**7.4.** Orta hünär okuw mekdebiniň talyplarynyň borçlary:

- öz saýlap alan hünärleri, durmuş-syýasy we ynsanperwerlik dersler boýunça nazary bilimleri, amaly endikleri we işiň döwrebap usullaryny çuňňur ele almak;
- degişli okuw meýilnamalarynda we maksatnamalarynda göz öňünde tutulan ýumuşlaryň ähli görnüşlerini bellenen möhletde ýerine ýetirmek;
- okuw sapaklarynyň ählisine gatnaşmak, okuw we ýerine ýetirijilik kadalaryny berjaý etmek;
- umumy adamzat we milli medeni gymmatlyklary bilmek, gözýetimini giňeltmek we milli däp-dessurlaryň we adatlaryň esasyndaky dünýägaraýşyny kemala getirmek;
- guramaçylyk iş endiklerini özleşdirmek;

- ylmy we hünäri boýunça bilimleri wagyz ediş çärelerine gatnaşmak.

**7.5.** Talyplaryň gowy okap, ylmy-barlag we jemgyýetçilik işlerine işeňňir gatnaşan ýagdaýlarynda, olar üçin minnetdarlyk yglan etmek, sylag bermek, gymmat baha sowgatlar bilen sylaglamak, hormat hatyny gowşurmak, hormat kitabyna we tagtasyna girizmek ýaly görnüşleri bellenilýär.

Içerki okuw tertibiniň düzgünlerinde sylaglamagyň beýleki görnüşleri hem bellenip bilner. Maddy we ahlak taýdan sylaglamagyň görnüşlerini saýlap almak Orta hünär okuw mekdebi tarapyndan bölümleriň we talyplar köpçüliginiň hödürlemegi boýunça bar bolan serişdeleriň çäginde amala aşyrylýar.

**7.6.** Talyplara jemgyýetçilik tertibini, içerki zähmet tertibiniň kadalaryny we umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamagyň düzgünini bozanlygy üçin duýduryş bermek, käýinç yglan etmek, berk käýinç yglan etmek, mekdebiň talyplarynyň hataryndan çykarmak ýaly düzgün-tertip temmileri ulanylyp bilner (talyplaryň hataryndan çykarylan talyplaryň okan döwri üçin okuw tölegi yzyna gaýtarylmaýar).

**7.7.** Orta hünär okuw mekdebiniň uçurymlary işe erkin ýerleşýärler.

**7.8.** Orta hünär okuw mekdebini tamamlan raýatlara bellenen tertipde diplom gowşurylýar.

**7.9.** Ynsanlyk mertebesine hormat goýmaga, fiziki we psihiki zorlugyň, şahsyýeti kemsitmeleriň ähli görnüşlerinden goranmaga, ömrüni we saglygyny goramaga;

**7.10.** Wyždan we maglumat azatlygy, hususy garaýyşlaryny we pikirlerini erkin beýan etmäge;

**7.11.** Talap edilýän egin-eşikleri, sagatlary we ýönekeý gymmatbaha bolmadyk şaý-sepleri we bezegleri dakynmaga.

**7.12.** Talap edilýän egin-eşikleri, sagatlary we ýönekeý gymmatbaha bolmadyk şaý-sepleri we bezegleri dakynmaga;

**7.13.** Bolup geçen ýa-da şaýat bolan her bir betbagtçylyk hadysasy hakynda pedagogiki işgäre ýa-da çäräniň geçirilmegine jogapkär işgäre gyssagly habarly etmäge;

**7.14.** Işjeň okuw ýagdaýyna laýyk bolan göze ýakymly, ykjam daşky keşbe eýe bolmaga. Okuw sapaklarynda (talap edilýän ýörite egin-eşik görnüşli sapaklardan beýlekilerde) diňe işewür egin-eşikde gatnaşmaga. Ýöriteleşdirilen egin-eşik görnüşini talap edýän okuw sapaklarynda (bedenterbiýe we ş.m.) diňe ýörite geýimde gatnaşmaga.

Daşky görnüşi emele getirýän esasy kadalar:

- egin-eşik pasyla, okuw sapagynyň häsiýetine we ýagdaýyna laýyk bolmaly;
- egin-eşikler işewür keşpde bolmaly, özarasynda sazlaşykly gelişmeli;
- egin-eşik, makiýaž, saç timarlama saýlananda göze ilginç bezenmeleri saýlamaga ýol berilmeýär;
- talybyň saçynyň timarlanmasy we sertaraşlygy ýakymly we ykjam bolmaly we töweregindekiler üçin haýran galdyryjy bolmaly däl.

Orta hünär okuw mekdebinde sapaklar üçin talap edilýän egin-eşikler:

- ýaş ýigitler – gara penjek-balak, ak köýnek, gara galstuk, tahýa, nyşan we adaty gara köwüş.
- gyzlar – dershana sapaklaryna laýyk gelýän gyzyl reňkli milli egin-eşik. Möwsüme görä çabyt we don, alnyndan göni açylan iki örümil saç, tahýa, gülýaka, nyşan, pes ökjeli gara köwüş.

Zyýanly endiklerden daşda durmak.

**7.15.** Zerur bolan ähli lukmançylyk gözegçiliklerini öz wagtynda geçmäge.

**7.16. Talyplara gadagan edilýär:**

- Orta hünär okuw mekdebine we onuň çäklerine sowuk ýaraglary, spirtli içgileri, temmäki önümlerini, toksiki we neşe serişdelerini hem-de okuw işine gatnaşyjylaryň saglygyna zyýan berýän we (ýa-da) okuw işine päsgel berýän beýleki jisimleri we serişdeleri getirmek, satmak we ulanmak;
- Partlama, ýanma we zäherlenmä getirip biljek islendik jisimleri we serişdeleri getirmek ýa-da ulanmaga bermek;
- Sapak wagty telefondan peýdalanmak;
- Internet sahypalarynda we elektron göterijide mekdebiň we raýatlaryň mertebesine zyýan ýetirýän maglumatlary ornaşdyrmak;
- Orta hünär okuw mekdebiniň talyplaryna, işgärlerine we beýleki şahslara fiziki güýç ulanmak.

## 8. ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ EMLÄGI WE SERIŞDELERI

**8.1.** Orta hünär okuw mekdebi özbaşdaklykda, şu Tertipnamada özüne berilýän hukuklaryň çäginde, maliýe-hojalyk işlerini alyp barýar. Mekdebiň hususy serişdelerini ulanmagyň tertibi Esaslandyryjy tarapyndan tassyklanylýar.

**8.2.** Orta hünär okuw mekdebiniň hususy serişdelerini Esaslandyryjynyň maýa goýumlary we Mekdebiň peýdasynyň hasabyna döredilen Esaslyk maýa, toplaýyş, sarp ediş we ätiýaçlyk gaznalary düzýär.

**8.3.** Orta hünär okuw mekdebiniň Esaslyk maýasynyň mukdary **23 679 (ýigrimi üç müň alty ýüz ýetmiş dokuz)** manatdan ybaratdyr.

**8.4.** Orta hünär okuw mekdebiniň jaýlary, binalary, enjamlary, inwentar we beýleki emlägi döwlet eýeçiligi bolup durýar.

**8.5.** Orta hünär okuw mekdebi maliýeleşdirmegiň çeşmeleri:

- Talyplaryň okuw üçin tölegleri;
- okuw-tejribe hojalygynda gelen peýda;
- goşmaça girdejilerden gelen peýda;
- hünärmenleri maksatlaýyn taýýarlamaga çykýan çykdajylaryň öwezini dolmak tertibinde alnan serişdeler;
- ilata tölegli hyzmatlary etmek, durmuş we döredijilik tabşyryklaryny ýerine ýetirmek, Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň ýuridiki we fiziki şahslary bilen baglaşylan şertnamalar esasynda işleri ýerine ýetirmek, hojalyk hasaplaşygyndaky we beýleki hojalyk işleri üçin serişdeler, şeýle hem bu işlerden alnan peýda;

**8.6.** Orta hünär okuw mekdebi maliýeleşdirmekligiň beýleki çeşmeleri:

- ýuridiki we fiziki şahslaryň meýletin gatançlary we haýyr-sahawat kömekleri;
- Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çeşmeler.

**8.7.** Orta hünär okuw mekdebiniň umumy girdejisinden mekdebiň maddy-tehniki binýadyny gowulandyrmaga, okuw esbaplaryny, kitaplaryny satyn almak, okuw gollanmalaryny çap etmek, talyplaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak we başgalar üçin peýdalanmak mekdep tarapyndan özbaşdak amala aşyrylýar.

**8.8.** Orta hünär okuw mekdebiniň umumy girdejisiniň 20 göterimine çenlisini Esaslandyryjynyň maddy-tehniki binýadyny gowulandyrmak, okuw-görkezme esbaplaryny, okuw kitaplaryny we gollanmalaryny satyn almak hem-de çap etmek, talyplaryň durmuş-ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin Esaslandyryjynyň hasaplaşyk hasabyna gönükdirilýär.

## 9. ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINDE HASAP WE HASABAT

**9.1.** Orta hünär okuw mekdebi hasabat işlerini we işiň netijeleri barada gündelik we buhgalterlik hasabatyny Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde ýöredýär, şeýle hem Esaslandyryja, degişli döwlet guramalaryna serişdeleriň alnyşy we sarp edilişi baradaky maglumatlary we ýyllyk hasabatlary berýär.

**9.2.** Orta hünär okuw mekdebiniň maliýe-hojalyk we beýleki işlerine gözegçilik hukukly döwlet edaralary, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi we Esaslandyryjy tarapyndan Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda ýylda 1 gezekden köp bolmadyk ýagdaýynda geçirilýär.

**9.3.** Buhgalterlik hasabatynyň esasy wezipeleri:

- Orta hünär okuw mekdebiniň hojalyk işleri we işiň netijesi barada gündelik dolandyryş üçin zerur bolan doly we takyk maglumatlary ýöretmekden;
- emlägiň bardygyna we hereketdedigine gözegçiligi üpjün etmek, maddy, zähmet we maliýe gorlaryny kadalara we kadalaşdyryjylara laýyklykda peýdalanmakdan;
- maliýe-hojalyk işindäki kadadan çykmalaryň öz wagtynda öňüni almakdan, içerki-hojalyk gorlaryny ýüze çykarmakdan we peýdalanmakdan ybaratdyr.

**9.4.** Orta hünär okuw mekdebiniň wezipeli işgärleri döwlet hasabatynyň ýoýulmagy üçin Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçilige çekilýärler.

**9.5.** Orta hünär okuw mekdebi döwlet, durmuş-üpjünçilik, ykdysady we salgyt syýasatlaryna amal etmek maksady bilen resminamalaryň (dolandyryş, maliýe-hojalyk, şahsy düzüm we beýlekiler) saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýär.

**9.6.** Orta hünär okuw mekdebiniň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak maksady bilen, garamagyndaky okuw-tejribe hojalygynyň öndüren oba hojalyk önümleri we olardan gaýtadan işlenip alnan önümler Orta hünär okuw mekdebiň eýeçiligi bolup durýar we erkin nyrhlarda ýerlenilýär.

Oba hojalyk önümlerini we olary gaýtadan işläp alnan önümleri ýerlemekden alnan serişdeler Orta hünär okuw mekdebiniň ýörite hasabyna geçirilýär.

**9.7** Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakyndaky» kararyna laýyklykda Orta hünär okuw mekdebiniň okuw-tejribe hojalygy bugdaý we pagta öndürmegiň maddy-tehniki üpjünçiliginiň we oňa hyzmat etmegiň ýeňillikli şertlerinden peýdalanmaga hukuklydyr. Şeýle hem, Orta hünär okuw mekdebiniň okuw-tejribe hojalygynda öndürilen hasyly Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda biržanyň üsti bilen satmaga hukugy bardyr.

## 10. ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ IÇERKI RESMINAMALARY

**10.1**. Orta hünär okuw mekdebiniň guramaçylyk bölümleriniň, işgärleriniň we talyplarynyň işleri şu Tertipnama we Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda işlenip düzülýän beýleki içerki resminamalar bilen kadalaşdyrylýar.

## 11. MEKDEBIŇ IŞINIŇ BES EDILMEGI, ÜÝTGEDIP GURULMAGY WE ÝAPYLMAGY

**11.1.** Orta hünär okuw mekdebiniň işini bes edilmek we ony üýtgedip gurmak, ýapmak Esaslandyrjynyň karary boýunça amala aşyrylýar.

**11.2.** Orta hünär okuw mekdebi üýtgedip guralanda onuň hukuklary we borçlary onuň mirasdüşerine geçýär.

**11.3.** Orta hünär okuw mekdebini ýapmak Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda bellenen tertipde Esaslandyryjy tarapyndan döredilýän Ýapyş topary tarapyndan amala aşyrylýar.

**11.4.** Orta hünär okuw mekdebi ýapylanda onuň bergilerini tölemek, onuň bank edaralaryndaky hasaplaşyk hasaplarynda galan pul serişdeleriniň eger-de olar ýetmezçilik eden ýagdaýynda onuň emlägini satmakdan gelen serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar.

**11.5.** Orta hünär okuw mekdebi ýatyrylan ýa-da üýtgedip guralan halatynda işden boşadylýan işgärlere Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda olaryň ähli hukuklarynyň berjaý edilmekligi kepillendirilýär.

**11.6.** Orta hünär okuw mekdebiniň işi şu aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:

- Esaslandyryjynyň karary boýunça;
- kazyýetiň çözgüdi boýunça.

**11.7.** Orta hünär okuw mekdebi Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan öçürilen gününden ýuridiki şahs hukugyny ýitirýär we şu Tertipnama öz güýjüni ýitirýär.

## 12. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**12.1.** Orta hünär okuw mekdebi Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawynda bellige alnan gününden başlap ýuridiki şahs hukugyna eýe bolýar we şu Tertipnama güýje girýär.

**12.2.** Şu Tertipnama 2 (iki) asyl nusgada, türkmen dilinde ýazyldy we olar birmeňzeş hukuk güýje eýedirler.

**12.3.** Orta hünär okuw mekdebiniň Tertipnamasyny hasaba almak, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek Esaslandyryjynyň karary esasynda we Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

SAHYPA BELGILENDI
WE BAGYJKLANDY
2023 ý.